**TÜRKMENISTANYŇ ADALAT MINISTRLIGI**

744036, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 150-nji jaýy
Telefon: (+993 12) 39-19-21; Faks: (+993 12) 39-19-71

**MINISTRY OF JUSTICE OF TURKMENISTAN**

150th building, Archabil avenue, Ashgabat city, 744036
Telephone: (+993 12) 39-19-21; Fax: (+993 12) 39-19-71

«31» 10 2019 ý. №02-24/11610

*Siziň 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabrynda iberen 03/945 belgili hatyňyza*

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine**

"Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda çykaran 130-Ö belgili buýrugy 2019-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda 1273 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnandygyny habar berýäris.

**Ministriniň orunbasary** **M.Taganow**

Ýerine ýetiren N.Allalyýewa tel. 39-18-48

**Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan**
**taýýarlygyň we hünäriň**
**ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň**
**Tertibini tassyklamak hakynda**

“Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň 5-nji böleginden gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen **buýurýaryn:**

1. Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Türkmenistanyň Adalat miinistrliginde 2012-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 619 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleri tarapyndan raýatlary işçi hünärleri boýunça taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryny guramagyň we maliýeleşdirmegiň tertibi hakynda Düzgünnamany tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2011-nji ýylyň 19-njy dekabrynda çykaran 137-Ö belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Ministriň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**“Ylalaşyldy”**
Türkmenistanyň Bilim ministri
___________ M.Geldinyýazow
(goly)

2019-njy ýylyň “____”____________

(Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2019-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda 1 273 belgi bilen döwlet belligine alyndy)

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2019-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda çykaran 130-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibi (mundan beýläk-Tertip) “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlandy we hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň we maliýeleşdirilmeginiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertipde ulanylýan adalgalar we düşünjeler “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda we “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenen manylarda ulanylýar.

3. Işsizleriň we iş gözleýän adamlaryň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünäriniň ýokarlandyrylmagy (mundan beýläk - hünär okuwy) işsizleri we iş gözleýän adamlary (mundan beýläk-şahs) durmuş taýdan goramagyň çäreleri bolup durýar we olaryň zähmet bazarynda bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

4. Hünär okuwy zähmet bazarynda isleg bildirilýän hünär, kär boýunça geçirilýär hem-de şahslaryň tölegli işiň (girdejili işiň) gözlegindäki mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar. Hünär okuwy hünär okuwyny geçmek barada şertnama (şu Tertibe 1-nji goşundy) laýyklykda iş berijiler tarapyndan hödürlenýän belli bir iş ýeri üçin hünär, kär boýunça hem geçirilip bilner.

Hünär okuwy guralanda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň garamagyndaky Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň, etrap we şäher zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edaralary (mundan beýläk - iş bilen üpjünçilik gullugy) tarapyndan şahslaryň bilimini, hünär derejesini we saglyk ýagdaýyny hasaba almak bilen olara zähmet bazarynda isleg bildirilýän (şol ugurdan okatmaga mümkinçilik bar bolan) hünäri, käri saýlap almaklyk teklip edilip bilner. Şol bir hünär, kär boýunça hünär okuwyny geçen şahsa hünär okuwy geçmeklik ikinji gezek teklip edilip bilinmez.

5. Iş bilen üpjünçilik gullugy zähmet bazarynyň maglumatlaryny (çaklamalaryny) hasaba almak bilen, hünär okuwy amala aşyrylýan ýa-da amala aşyrylyp bilinjek hünärler, kärler, işiň ugurlary boýunça sebitleýin maglumatlar binýadyny döredýärler we yzygiderli täzeleýärler.

6. Hünär okuwynyň dowamlylygy we anyk möhleti tabynlygynda hünär okuw mekdebi bolan ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy ýa-da degişli degişli häkimlik bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýan degişli hünär babatynda taýýarlygyň okuw meýilnamalary bilen kesgitlenilýär.

7. Hünär okuwy bellenen tertipde başlangyç hünär bilimi edaralary tarapyndan geçirilýän hünär synagy bilen tamamlanýar. Hünär bilimi edaralary hünär synagyndan üstünlikli geçen adamlara olaryň degişli bilimi alandyklaryny kepillendirýän we degişli hünär bilimi edarasynyň möhüri bilen tassyklanýan döwlet nusgasyndaky resminamany berýär.

Hünär synagyny geçmediklere hünär bilimi edarasynda okandygy baradaky bellenen nusgadaky kepilnama berilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda hünär synagyny täzeden geçmegiň tertibi hünär bilimi edarasy tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

## II bap. Hünär okuwynyň görnüşleri

8. Hünär okuwynyň görnüşleri şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) belli bir işi, işleriň toplumyny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan, öwrenilmeli endikleri çaltlaşdyrylan görnüşde öwretmek maksady bilen geçirilýän hünär taýýarlygy;

2) täze hünärler boýunça işlemek üçin şol hünärleri edinmeklerini üpjün etmek maksady bilen geçirilýän şahslaryň gaýtadan taýýarlygy;

3) hünäri bar şahslary olaryň hünär ugruny giňeltmek we utgaşdyrylýan hünärler boýunça işlemek mümkinçiliklerini almaklary üçin ikinji bir hünär boýunça okatmak;

4) bilimini, başarnygyny we endiklerini täzelemek, hünär ussatlygyny artdyrmak we olarda bar bolan hünär boýunça bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem täze enjamlary, tilsimatlary we hünär işiniň ugurlary boýunça beýleki meseleleri öwretmek maksady bilen şahslaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak;

5) tejribede nazaryýet bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini emele getirmek we berkitmek, hünär borçlaryny ýerine ýetirmek üçin hünär we guramaçylyk häsiýetlerini almaklaryny üpjün etmek maksady bilen geçirilýän şahslaryň tälim almaklary.

Tälim almak okuwyň özbaşdak bolmagy bilen, şol bir wagta okuw meýilnamanyň bir bölümi hem bolup biler. Zähmete hak tölemegiň ulgamynda göz öňünde tutulyşyna görä tälim alýana iş beriji tarapyndan zähmet haky hem tölenilýär.

9. Geljekde telekeçilik işini guramak maksady bilen geçirilýän hünär okuwy hünär okuwynyň ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu özbaşdak okuw ders ýaly hem, okuw meýilnamasynyň bir bölegi ýaly hem bolup biler.

10. Hünär okuwy gündizki we gündizki-gaýybana (agşamky) ýaly görnüşde amala aşyrylýar.

Hünär okuwy özüniň görnüşine baglylykda nazaryýet okuwyny, önümçilik okuwyny (tejribe okuwyny) we zerurlygyna görä tälim almaklygy öz içine alýar.

## III bap. Okuw-önümçilik binýady we hünär okuwyny usulyýet bilen üpjün etmek

11. Hünär okuwy Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, beýleki ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we degişli häkimlikleriň tabynlygyndaky başlangyç hünär bilimi edaralarynyň okuw-önümçilik binýadynda iş bilen üpjünçilik gullugy bilen baglaşylan hünär okuwy boýunça şertnama (şu Tertibe 2-nji goşundy) esasynda amala aşyrylýar.

Okuw-önümçilik binýatlarynda hünär okuwy amala aşyrýan hünär bilimi edaralarynyň, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde degişli bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işini alyp barmaga hukuk berýän ygtyýarnamasy bolmalydyr.

12. Iş bilen üpjünçilik gullugy hünär okuwyny amala aşyrýan hünär bilimi edaralary barada maglumatlar binýadyny döredýärler we ony yzygiderli täzeleýärler.

13. Hünär okuwynyň okuw usullary, usulyýet gollanmalary bilen üpjün edilmegi Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

## IV bap. Hünär okuwyny guramak

14. Hünär okuwy özüniň görnüşine baglylykda dürli möhletler we ugurlar boýunça hünär bilimi maksatnamalaryny durmuşa geçirmekligi göz öňünde tutýar.

15. Hünär okuwy hünär okuwy barada arza (şu Tertibe 3-nji goşundy) we hünär okuwyna ugratmak barada çözgüt (şu Tertibe 4-nji goşundy) esasynda hünär okuwyna ýollaýyş haty (şu Tertibe 5-nji goşundy) boýunça aşakdaky ýagdaýlarda amala aşyrylýar:

1) hünär taýýarlygynyň ýa-da zerur hünär derejesiniň ýoklugy sebäpli olara laýyk gelýän iş tapmak mümkin däl bolsa;

2) tejribesine laýyk gelýän işiň ýoklugy sebäpli, olaryň hünär derejesiniň üýtgedilmegi zerur bolsa;

3) öňki hünäri boýunça işi ýerine ýetirmäge ukybyny ýitiren bolsa.

16. Iş bilen üpjünçilik gullugy hünär okuwyny guramak boýunça alyp barýan işinde döwlet häkimiýet edaralary, hünär bilimi edaralary we iş berijiler bilen ýakyndan özara arkalaşykly hereket edýär.

17. Hünär okuwyna mätäçlik çekýän şahslaryň sany zähmet bazarynyň seljermesi we çaklamasy esasynda hünär we hünär derejesi boýunça aýratynlykda iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan kesgitlenilýär (hasaplanýar). Şunda iş berijiler tarapyndan öz hasaplaryna okadylmagy üçin sargyt edilen hünärler boýunça okadyljaklaryň sany aýratynlykda görkezilýär.

Hünär okuwyna mätäçlik çekýän şahslaryň sany, çykdajylaryň bellenilen düzümine laýyklykda şol maksat üçin zerur bolan maliýe serişdelerini kesgitlemek üçin hem-de iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan hünär bilimi edaralaryna hünär okuwy boýunça sargytlary etmek üçin esas bolup durýar.

18. Hünär okuwyna ibermekden öň iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan hünäre gönükdirmek işi geçirilýär. Hünäre gönükdirmek işi hünärler boýunça maglumatlary, maslahatlary bermek arkaly geçirilýär.

Hünär okuwyna iberilýänleriň resminamalaryny kabul etmegiň möhletleri, giriş synaglarynyň guralyşynyň, hünär okuw mekdebine seçip almagyň we kabul etmegiň tertibi hünär bilimi edarasy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan tertibe laýyklykda kesgitlenilýär.

19. Hünär okuwyna ibermek iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan toparlaryň ýygnanmagy bilen baglylykda ýylyň bütin dowamynda amala aşyrylýar.

20. Okuw toparlary adybir ýa-da ýakyn hünärler, kärler, şeýle hem bilim taýýarlyklaryny we amaly tejribelerini hasaba almak bilen beriljek derejesine görä biri-birine golaý hünär derejeleri boýunça okuwa iberilýän şahslardan düzülýär (toplanýar).

Okuw toparlarynyň 20 (ýigrimi) adamdan az bolmadyk san bilen düzülmegi (toplanmagy, eger-de zerur bolan ýagdaýynda aýratynlykda okatmak şerti bilen) maslahat berilýär. Okuwa iberilýänleriň sany topar düzmeklige mümkinçilik bermeýän halatynda, olar okadyljak hünärleri, kärleri boýunça hünär bilimi edarasynyň özi tarapyndan düzülen okuw toparyna goşulyp okadylýar.

21. Hünär okuwyny amala aşyrýan hünär bilimi edaralary okuwyň başlanýandygy we tamamlanýandygy barada degişli buýrugy çykaryp, bu barada raýatlary okuwa iberen iş bilen üpjünçilik gullugyna habar berýärler.

22. Hünär okuwyna iberen iş bilen üpjünçilik gullugy hünär bilimi edaralary bilen bilelikde okadylýan adamlaryň okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny ýerine ýetirişlerine, olaryň okuwa gatnaşygyna we ýetişigine gözegçilik etmeklige gatnaşyp bilerler. Iş bilen üpjünçilik gullugy hünär bilimi edaralaryndan okadylýanlaryň okuwa gatnaşygy we ýetişigi barada maglumaty (şu Tertibe 6-njy goşundy) alýar. Şeýle maglumatlaryň berilmeli möhleti we döwürleýinligi okuw boýunça baglaşylan şertnamada kesgitlenilýär.

23. Hünäri boýunça laýyk işi teklip etmäge mümkinçilik bolmadyk, işçi hünärini edinmäge we şol hünär boýunça işlemäge isleg bildiren hünärmenleriň hataryndan bolan şahslar hem Iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan hünär okuwyna iberilip bilner.

24. Iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan hünär okuwyna iberilen adamlaryň okuwy tamamlamanka okuwdan boşadylmagy iş bilen üpjünçilik gullugyny hökmany suratda habarly etmek arkaly hünär bilimi edarasy tarapyndan kesgitlenen tertibine laýyklykda amala aşyrylýar. Döwlet býujetiniň hasabyna hünär okuwyny geçýän raýat esasly sebäpler bolmazdan okuwyny bes eden halatynda, ol bu boýunça edilen harajatlaryň öwezini iş bilen üpjünçilik gullugy bilen baglaşylýan şertnama laýyklykda dolmaga borçludyr.

25. Iş berijiler baglaşylan şertnamanyň esasynda hünär okuwyny geçen şahslary iş bilen üpjün etmäge borçludyrlar.

## V bap. Hünär okuwynyň maliýeleşdirilişi

26. Hünär okuwy üçin tölegler döwlet býujetiniň hasabyna, sargyt edýän edaranyň (kärhananyň, guramanyň) hasabyna ýa-da hünär okuwyny geçmeli şahs tarapyndan amala aşyrylýar.

Şu aşakdaky şahslaryň hünär okuwy döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär:

1) kärhanalaryň ýatyrylmagy ýa-da işiniň bes edilmegi, işgär sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen bagly iş ýerini ýitiren adamlar;

2) maýyplygy bolan adamlar (eger Lukmançylyk-maslahat beriş toparynyň netijenamasy esasynda olaryň saglygyna hünär borçlarynyň ýerine ýetirilmegi päsgelçilik bermese ýa-da beýleki adamlaryň saglygyna we zähmet howpsuzlygyna howp salmasa);

3) radiasiýa heläkçiliginiň netijesinden ejir çeken adamlar;

4) maşgalada ýeke-täk ekleýji bolup duran adamlar;

5) bir ýa-da ondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany ýeke terbiýeleýän ene-atalar ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar.

Sargyt boýunça hünär okuwyny geçýän şahslaryň hünär okuwy sargyt eden tarapyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Şeýle ýagdaýda hünär okuwuny geçmek boýunça şahsyň we iş berijiniň hukuklary we borçlary olaryň arasynda baglaşylýan şertnama arkaly kesgitlenilýär.

Beýleki halatlarda hünär okuwy üçin tölegler hünär okuwyny geçmeli raýatlar tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

27. Döwlet býujetiniň hasabyna hünär okuwy maliýeleşdirilýän şahslaryň hünär okuwynyň maliýeleşdirilişi iş bilen üpjün etmek boýunça döwlet syýasatyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Görkezilen şahslary döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna hünär okuwyny geçmäge degişli etmek aşakdaky resminamalaryň esasynda amala aşyrylýar:

1) kärhanalaryň ýatyrylmagy ýa-da işiniň bes edilmegi, işgär sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen bagly iş ýerini ýitiren adamlar üçin – zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrylmagynyň) esaslaryny görkezýän zähmet depderçä bellenen tertipde girizilen ýazgy ýa-da iş berijiniň buýrugynyň nusgasy;

2) radiasiýa heläkçiliginiň netijesinden ejir çeken adamlar üçin – olaryň ýaşaýan ýerlerindäki harby wekilikleriň berýän kepilnamalary ýa-da radiasiýa heläkçiliginiň netijesinden ejir çekendigini tassyklaýan Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen beýleki resminamalar;

3) maşgalada ýeke-täk ekleýji bolup duran adamlar üçin – ýerli öz-özüni dolandyryş ýa-da ýaşaýyş jaý - jemagat edaralarynyň berýän güwänamalary. Şunda maşgala agzalarynyň hiç ýerde işlemeýändigi görkezilmegi hökmandyr;

4) bir ýa-da ondan köp kämillik ýaşyna ýetmedik çagany ýeke terbiýeleýän ene-atalar ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar üçin – maşgala düzümi baradaky

güwänama we nikada durmaýandygy barada Raýatlyk ýagdaýynyň namalar ýazgysy (RÝNÝ) bölüminiň berýän güwänamasy.

28. Hünär okuwy üçin harajatlar Iş bilen üpjünçilik gullugy tarapyndan şol okuwa sebitde emele gelen mätäç bolan adamlaryň çaklama sanyndan, okuwyň ortaça dowamlylygynyň we hünär bilimi edarasy tarapyndan kesgitlenilýän nyrhynyň görkezijilerinden ugur alnyp hasaplanylýar.

29. Döwlet býujetiniň hasabyna hünär okuwy maliýeleşdirilýän adamlaryň hünär okuwynyň maliýeleşdirilişi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan tassyklanýan Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdelerini baş paýlaýjylaryň, paýlaýjylaryň we alyjylaryň harytlar, hyzmatlar we ýerine ýetirilen işler üçin çykdajylarynyň töleglerini geçirmegiň tertibine laýyklykda Hünär okuwy boýunça edilen hyzmatlary tabşyrmaklygyň - kabul etmekligiň delilnamasy (şu Tertibe 7-nji goşundy) esasynda amala aşyrylýar.

## VI bap. Hünär okuwy boýunça hasaba alyş we hasabatlylyk

30. Iş bilen üpjünçilik gullugy işsizleriň we iş gözleýän adamlaryň, olardan hünär okuwyna iberilenleriň hasabyny alyp barýarlar. Iş bilen üpjünçilik gullugy hünär okuwy boýunça özüniň işi barada, şeýle hem hünär okuwy barada maglumaty Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan bellenen nusgada we möhletde ministrligiň salgysyna iberýär.

31. Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hünär bilimi edaralarynda hünär okuwynyň geçirilişiniň möhletlerine we hiline gözegçiligi alyp barýarlar.

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we
hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň
Tertibine 1-nji goşundy

## Hünär okuwyny geçmek barada şertnama

№ _____ “____”__________ 20___ ý.

____________ Iş bilen üpjünçilik gullugynyň (mundan beýläk – Bölüm) adyndan şu Bölümiň Düzgünnamasy esasynda hereket edýän _______________________________________, bir tarapdan
(bölümiň başlygynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

we Bölümde iş gözleýän hökmünde hasaba alnan raýat (mundan beýläk – Şahs) ____________________________________tarapyndan berlen ____________
(haçan we kim tarapyndan berlen) (pasport belgisi)

pasportyň eýesi _____________________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

beýleki tarapdan, bilelikde “Taraplar” diýilip atlandyrylýanlar, Şu Hünär okuwyny geçmek barada şertnamany (mundan beýläk-Şertnama) aşakdakylar barada baglaşdylar.

### 1. Şertnamanyň mazmuny

Bölüm iş gözleýän şahsy hünär okuwy geçmek maksady bilen Hünär bilimi edarasyna iberýär, şahs bolsa, hünär okuwyny tamamlandygy barada resminamany Bölüme görkezmäge borçlanýar.

### 2. Taraplaryň hukuklary we borçlary

**2.1. Bölüm:**

2.1.1. Hünär almak, hünär boýunça gaýtadan taýýarlamak, hünär derejesini ýokarlandyrmak (gereginiň aşagyny çyzmaly) maksady bilen şahsy _____________________________________________________________hünäri
(hünäriň, käriň ady)

boýunça____________________________________________________________
(hünär bilimi edarasynyň ady)

20___ ý. “___” _______-dan/den 20___ ý. “___” __________na/ne çenli iberýär.

2.1.2. Görkezilen hasaplama boýunça şahsyň okuwy üçin Hünär bilimi edarasyna tölegini geçirýär;

2.1.3. Hünär bilimi edarasy bilen bilelikde okuwyň hiline gözegçiligini amala aşyrýar;

2.1.4. Okuw gutarandan soňra, bilim alan şahsyň alan hünärine (kärine, hünär derejesine) we bar bolan boş iş orunlaryna laýyklykda işe iberýär.

**2.2. Okuwa ýollanýan şahs:**

2.2.1. Okuwa bellenen möhletde başlaýar, okuw maksatnamada doly göwrümine laýyklykda hünär okuwyny geçýär, kesgitlenen tertipde synagdan geçýär we alnan hünäri baradaky resminamany 5 günüň dowamynda Bölüme görkezýär.

2.2.2. Hünär okuwy döwründe işe ýerleşen ýagdaýynda iş berijini, hünäri (wezipäni), şertnamanyň hereket edýän möhletini görkezmek bilen Bölümi habardar edýär.

2.2.3. Bölümiň hünär okuwynyň hakyky harajatlarynyň aşakdaky halatlarda öwezini dolýar:

1) Bölümi habardar etmezden işe ýerleşse;

2) okuwy tamamlamazdan öň Hünär bilimi edaradan sebäpsiz ýagdaýlara görä çykarylsa.

## 3. Jemleýji düzgünler

3.1. Şu Şertnama boýunça taraplaryň arasyndaky ýüze çykýan jedeller kanunçylykda bellenen tertipde çözülýär.

3.2. Şu Şertnama iki tarapyň gol çeken gününden güýje girýär we okuwyň döwründe hereket edýär. Şertnama taraplaryň haýsy hem bolsa biri tarapyndan beýleki tarapa hökman habar bermek bilen bir aýdan gijä galman ýatyrylyp bilinýär.

3.3. Şertnama iki nusgada düzüldi, her bir tarapda bir nusgadan saklanýar.

3.4. Her bir tarap şertnamada kabul edilen borçlary ýerine ýetirmekde birek-birege ýardam bermäge borçlanýar.

Iş üpjünçilik edarasynyň başlygy ___________ ______________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Okuwa ýollanýan şahs ___________ ______________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

“_____”_____________20____ ý.

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we
hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň
Tertibine 2-nji goşundy

## Hünär okuwy boýunça şertnama

№_____ «___»____________20__ý.

____________ Iş iş bilen üpjünçilik gullugynyň (mundan beýläk – Bölüm) adyndan şu Bölümiň Düzgünnamasy esasynda hereket edýän _______________________________________, bir tarapdan
(bölümiň başlygynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

we _______________________________________________________________
(hünär bilimi edarasynyň doly ady)

hünär bilimi edarasynyň adyndan, şu edaranyň Tertipnamasy esasynda hereket edýän _____________________________________________ beýleki tarapdan,
(hünär bilimi edarasynyň ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

bilelikde "Taraplar" diýlip atlandyrylýanlar, şu Hünär okuwy boýunça Şertnamany (mundan beýläk –Şertnama) aşakdakylar barada baglaşdylar.

### 1. Şertnamanyň mazmuny

Hünär bilimi edarasynyň____________________________________________
(hünär okuwyna ýollanýan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

_________________________________________________________________
_____________________________________________________________hünäri
(hünäriň ady)

boýunça hünär okuwyny şu Şertnamada göz öňünde tutulan talaplara we şertlere laýyklykda ýerine ýetirmegi, Bölüm bolsa, şol hyzmaty kabul edip, bellenen tertipde tölegini geçirmegi şu Şertnamanyň mazmuny bolup durýar.

Okuwyň möhleti 20__ý. «___»_______-dan 20__ý. «__» ______ - ne çenli.

### 2. Taraplaryň hukuklary we borçlary

**2.1. Bölüm:**

2.1.1. Okuwa ýollanýan şahslary Hünär bilimi edarasyna hünär okuwyny geçmek üçin bellenen tertipde ýollaýyş haty bilen iberýär.

2.1.2. Şertnamanyň şertleriniň (okuwyň hiliniň, meýilnamalaryň, okuwyň möhletleriniň berjaý edilişiniň), şeýle hem okuwa iberilen şahslaryň gatnawynyň, ýetişiginiň we dersiň tamamlanandan soňra olaryň hünär synagyny ýerine ýetirilişiniň gözegçiligini amala aşyrýar.

2.1.3. Bölüm tarapyndan okuwa iberilen şahslaryň hünär okuwy üçin şu Şertnamanyň 3.2, 3.3. bentlerine laýyklykda tölegini amala aşyrýar.

**2.2. Hünär bilimi edarasy:**

2.2.1. Bölüm tarapyndan okuwa iberilen işsizlere we iş gözleýän şahslara şu Şertnamanyň 1.1 bendine laýyklykda hünär okuwyny geçýär.

2.2.2.Okuwyň gurnalyşyny özbaşdak amala aşyrýar, baha bermek ulgamyny saýlap alýar, okuwçylaryň okuwa ýetişiginiň aralyk jemlemesini geçirmegiň tertibini we möhletlerini kesgitleýär.

2.2.3. Okuwyň başlanýandygy we haçan tamamlanýandygy barada degişli buýrugy çykaryp, onuň göçürmesini okuw başlanyndan soň 3 günden gijä galman Bölüme iberýär.

2.2.4. Her aýyň 3-inden gijä galman ýollaýyş haty esasynda hünär okuwyny geçýän şahsa onuň geçen aýda okuwa ýetişigi barada güwänamany berýär.

2.2.5. Okuwa ýollanan şahsy okuwyny tamamlamazyndan öň şu aşakdaky halatlarda okuwdan çykarmak meselesini Bölüm bilen ylalaşýar:

1) hünär okuwyna iberilen şahsyň ýetişmezligi;

2) hünär okuwyna iberilen şahsyň okuwa gatnamagyny özbaşdak bes etmegi;

3) hünär okuwyna iberilen şahsyň okuwa kabul edilenden soň işe ýerleşendigi sebäpli hünär okuwyndan boýun gaçyrmagy we beýleki sebäpler boýunça.

2.2.6. Hünär okuwyna iberilen şahsyň hünär okuwyny tamamlandygy barada buýruk çykaryp, ony Bölüme iberýär.

2.2.7. Hünär okuwyny tamamlan şahsa okuwy tamamlap alan hünär derejesini tassyklaýan bellenen nusgadaky resminamany berýär.

2.2.8. Hünär okuwyna ýollanan şahs hünär okuwyny tamamlandan soň, hünär okuwyny geçen şahslaryň sanawyny goşmak bilen hünär okuwy boýunça edilen hyzmatlary tabşyrmaklygyň - kabul etmekligiň delilnamasyny, edilen hyzmatlar boýunça gutarnykly hasaplaşyk üçin tölegleri geçirmekligiň hasabyny berýär.

## 3. Şertnamanyň hereket edýän möhleti we töleginiň tertibi

3.1. Şu Şertnama 20__nji ýylyň ____-dan 20___nji ýylyň ___ na çenli hereket edýär.

3.2. Bölüm Hünär bilimi edarasynyň çykaryp beren, harajatlaryň çenligi bilen ylalaşylan hasaplarynyň we edilen hyzmatlary tabşyrmaklygyň - kabul etmekligiň delilnamasy esasynda bilim hyzmatlary üçin tölegleri, şu ugra gönükdirilen serişdeleriň çäklerinde amala aşyrýar. Töleg sanalan resminamalar berlenden soňra hasaplaşygyň nagt däl görnüşinde geçirilýär.

3.3. Bölüm işsizleriň we iş gözleýän şahslaryň hünär okuwy maliýeleşdirilende okuwyň gurnalyşyny üpjün etmek maksady bilen, edilýän hyzmatlaryň umumy bahasynyň 30 göteriminden geçmeýän möçberde hyzmatlar üçin öňünden tölegi geçirip biler.

## 4. Jemleýji düzgünler

4.1. Şu Şertnama taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Şu Şertnama ähli üýtgetmeler we goşmaçalar, diňe eger-de olar ýazmaça görnüşinde baglaşylanda we iki tarapyň hem ygtyýarly wekilleri tarapyndan gol çekilende hakyky hasaplanylýar. Şeýle görnüşde baglaşylan goşmaça ylalaşyklar şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Şu Şertnamany ýerine ýetirmekden birtaraplaýyn boýun gaçyrmaga diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen halatlarda ýol berilýär.

4.2. Taraplaryň her biri şu Şertnamadaky borçlary ýerine ýetirmekde biri-birine ýokary derejede ýardam berýär, okuwyň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak boýunça özlerine bagly bolan çäreleri öz wagtynda durmuşa geçirýär.

4.3. Şu Şertnamanyň şertleriniň ýerine ýetirilmezligi ýa-da bolmalysy ýaly ýerine ýetirilmezligi üçin taraplar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

4.4. Şu Şertnama boýunça jedeller ýüze çykan halatynda taraplar olary özbaşdak düzgünleşdirmek üçin ähli mümkin bolan çäreleri durmuşa geçirmäge borçludyrlar. Şu Şertnamadan gelip çykýan jedeller boýunça ylalaşyga gelinmedik ýagdaýynda olar kazyýet tertibinde seredilmäge degişlidir.

4.5. Şu Şertnama iki nusgada düzüldi we olaryň her biriniň birmeňzeş hukuk güýji bardyr. Taraplaryň her birinde şu Şertnamanyň bir nusgasy saklanýar.

4.6. Okuw maksatnamasy, harajatlaryň ylalaşylan çenlik we hünär okuwyna iberilen şahslaryň sanawy hem-de edilen hyzmatlary tabşyrmaklygyň - kabul etmekligiň delilnamasy şu Şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar.

## 5. Taraplaryň hukuk salgylary we bank rekwizitleri

| | |
|---|---|
| ______________________________ | ______________________________ |
| (Iş bilen üpjünçilik gullugy) | (Hünär bilimi edarasy) |
| ______________________________ | ______________________________ |
| Hukuk salgysy:__________________ | Hukuk salgysy:__________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| Hasaplaşyk hasaby________________ | Hasaplaşyk hasaby________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| ______________________________ | ______________________________ |
| (ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady) | (ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady) |
| ______________ | ______________ |
| (goly) | (goly) |
| “_____”_____________20____ ý. | “_____”_____________20____ ý. |

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibine 3-nji goşundy

___________________________etrabynyň

Iş bilen üpjünçilik gullugynyň başlygyna

____________________________________
(Hünär okuwyna ýollanýan şahsyň salgysy)

____________________________________

ýaşaýjysy ___________ doglan
(doglan wagty)

____________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

___________________________tarapyndan

**Hünär okuwyna ýollamak barada arza**

Meňi hünär okuwyna ýollamagyňyzy we hünär okuwyna ýollaýyş hatyny bermegiňizi haýyş edýärin.

Hünär okuwyna ugradylanymda meniň şahsy maglumatymyň Iş bilen üpjünçilik gullugyna gowşurylýandygy bilen tanyşdym.

Hünär okuwyna ýollanýan şahs ___________ (goly) _________________________ (familiýasy, ady, atasynyň ady)

________________
(sene)

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibine 4-nji goşundy

**Hünär okuwyna ugratmak barada çözgüt**

№_____ "_____" ________________ 20__ ý

Hünär okuwyna ýollanýan şahs__________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

__________________________________________________ hünär (kär) boýunça
(hünäriň, käriň ady)

möhleti _________________________ -dan _________________________ çenli
_____________________________________________________________ hünär
(hünär okuwnyň görnüşi)

okuwyna ugratmaga hödürlenýär.
Hasaba alyş belgisi:____________________________, ýaşy ________________
(iş gözleýäniň hasaba alyş belgisi) (doglan güni, aýy, ýyly)

Pasport____________________________________________________________
(pasportyň berlen wagty we belgisi)

Bilimi boýunça hünäri (kär)_________________ __________________________
Hünär (kär) boýunça soňky iş ýeri_______________________________________
_____________________________________________________________________

Soňky 5 ýylyň dowamynda hünärini ýokarlandyrmagy hakynda maglumat
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
Ortaça aýlyk iş haky ________________________________________________
Ekleýjileriň barlygy ________________________________________________
Hünäre ýaramlylygy _________________________________________________
Hünär taýdan maslahat bermegiň netijesi_________________________________
Okuw boýunça hünärmen _______ _________________________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

_____________________________________________________________________
(Hünär okuwyna ýollanýan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

______________________________________Hünär bilimi edarasyna ugratmaly
(hünär bilimi edarasynyň ady)

Iş bilen üpjünçilik
gullugynyň başlygy __________ _____________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

Hünär okuwyny guramagyň we maliýeleşdirmegiň tertibi bilen tanyşdym.
Hünär okuwyna
ýollanýan şahs __________ _____________________ _________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady) (sene)

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we
hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň
Tertibine 5-nji goşundy

## Hünär okuwyna ýollaýyş haty

___________________________________ Iş bilen üpjünçilik gullugy

______________________________________ ________________________

(hünär okuwa iberilýän şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady) (hünäriň ady)

______________________________________________________hünär boýunça 20__ý. «__»___________ -dan 20__ý. «__» _____________ - ne çenli möhlet we _____ sagat okuwyň dowamlylygy bilen ___________________________________

(hünär okuwyny geçirýän okuw edarasynyň ady)

hünär okuwyny geçmek üçin iberýär.

Ýollaýyş haty Iş bilen üpjünçilik gullugy bilen okuw edarasynyň arasynda 20____ ý. «____» ____________ baglaşylan ____ belgili şertnama laýyklykda ýazylyp berildi.

Hünär bilimi edarasynyň salgysy: _________________________________

___________________________________________________________________

Ýollaýyş hatynyň berlen senesi: 20____ ý «____» ________________

Iş bilen üpjünçilik
gullugynyň başlygy __________ _____________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

– – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – – –

(kesilýän ýer)

## Okuwa kabul edilendigi barada tassyknama

(Iş bilen üpjünçilik gullugyna tabşyrylýar)

**Okuw edarasy tarapyndan doldurylýar**

_____________________________________________________________

(Hünär okuwyna ýollanan şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

_________________________________________________hünäri boýunça

(hünäriň ady)

____________________________________________________tarapyndan

(hünär okuwyny geçýän okuw edarasynyň ady)

20__ ý. «__» __________-dan 20__ ý. «__» __________ çenli okuw möhleti bilen hünär okuwyny geçmäge kabul edildi.

Esas: «__» __________ 20___ý. ____ belgili buýruk.

Hünär bilimi
edarasynyň başlygy __________ _____________________

(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

20__ ý. «__» __________

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we
hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň
Tertibine 6-njy goşundy

____________________Iş üpjünçilik
edarasynyň başlygyna

**Okadylýanlaryň gatnaşygy we ýetişigi barada maglumat**

__________________________________________________hünär (kär)
boýunça hünär okuwyny geçmek üçin ______________________________
____________________________________________________ iberilen,
(hünär okuwyny geçýän okuw edarasynyň ady)

_____________________________________________________ berildi.
(hünär okuwyna iberilen şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

Ol 20__ ý. «__»________-dan 20__ ý. «__» ___________ - ne çenli okuwyň

dowamynda jemi __________________________________________ sagat,
(goýberilen sagatlaryň sany, san we harplar bilen)

şol sanda ____________________________ sagat okuwy sebäpsiz goýberdi.
(goýberilen sagatlaryň sany, san we harplar bilen)

Hünär bilimi edarasynyň başlygy __________ _________________________
(goly) (familiýasy, ady, atasynyň ady)

20____ ý. «_____» __________________

Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygyň we
hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň
Tertibine 7-nji goşundy

**Hünär okuwy boýunça edilen hyzmatlary
tabşyrmaklygyň - kabul etmekligiň delilnamasy**

Biz, aşakda gol çekýänler ____________________ Iş bilen üpjünçilik gullugynyň başlygy_______________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

we ______________________________________________hünär bilimi edarasynyň
(hünär bilimi edarasynyň ady)

başlygy ______________________________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

20_____ý. «______» ___________ baglaşylan ___ ___ __ belgili şertnama boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň tabşyrylmagyny we kabul edilmegini geçirdik.

20____ý. «___» ___________ baglaşylan _____ belgili şertnama laýyklykda 20____ ý. «___» _________-dan 20__ ý. «__» ___________ çenli okuw möhleti bilen, _____________________________________________________
(hünär okuwa iberilen şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

______________________________________________________________________
(hünäriň ady)

hünäri boýunça hünär okuwyny geçdi.

Berlen hünär derejesini tassyklaýan şahadatnamanyň belgisi: ________

Şahadatnamanyň berlen senesi: 20____ ý. «_____» ________________

Taraplaryň biri-birine şikaýaty ýok.

| | |
|---|---|
| ________________________________ | ________________________________ |
| (Iş bilen üpjünçilik gullugy) | (Hünär bilimi edarasy) |
| ________________________________ | ________________________________ |
| Hukuk salgysy:__________________ | Hukuk salgysy:__________________ |
| ________________________________ | ________________________________ |
| Hasaplaşyk hasaby________________ | Hasaplaşyk hasaby________________ |
| ________________________________ | ________________________________ |
| ________________________________ | ________________________________ |
| (ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady) | (ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady) |
| _______________ | _______________ |
| (goly) | (goly) |
| “_____”_____________20____ ý. | “_____”_____________20____ ý. |